# Barsam

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Barsam BARSAM



Jemalyň tagbyryn Kurandan eşdip,
Aýdan aýry ýüzüň görmäge barsam.
Ýa Muhammet ymmatlaryň beýany,
Salamat sowgadyn bermäge barsam.
Dört ýaranyň bilen kaýda ýatyp sen,
Ýakyp-örtäp meni bir gün ötüp sen,
Arzuwly armanym, maksadym sen-sen,
Müjewürler biri bolmaga barsam.

Eşitdim hak Resul Medinedemiş,
Diýdiň: “Aýa baryp, tutup, ýere düş”,
Has ymmat bolana ymmat harammyş,
Guburyna ýüzüm sylmaga barsam.

Gullugym ýok gylsyratdan geçerge,
Ne hetdim bar sensiz gapy açarga,
Umydym bar köwser saky içerge,
Gul bolup, gapyňy syrmaga barsam.

Lukma haram, hergiz doga ýörimez,
Jemalyň düýşümde bir gün görünmez,
Saňa ymmat bolmadyklar ýarymaz,
Men bir asy, ymmat bolmaga barsam.

Hak Resul ýolunda geçdiň janyňdan,
Şeýtan bir kapyrdyr, gitmez ýanymdan,
Jan gaflatda, gorkdum nur-imanyňdan,
Senden bir takyklyk sormaga barsam.

Dünýä gözün süzer, bir gökjük ýoly,
Ýüergim ýüz para, gam bilen doly,
Men seniň ýoluňda Mejnun deý däli,
Akar ýaşym sildir diýmäge barsam.

Zorum ýokdur din gylyjyn urmaga,
Kämil pir ýok gullugynda durmaga,
Ahyrky matlabym: barsam ölmäge,
Adyňa döneýin, galmaga barsam.

Kapyr zor getirdi, sünnä gatyşdy,
Diniň tagbyr çekip, zelel ýetişdi,
Dawa düz kesilmez, älem tutaşdy,
Kazy para çapar – aýtmaga barsam.

Daglar, daşlar tap getirmez zarbyda,
Men niçik çydaýyn, waý, beýle oda,
Kylgyn günähimni, essagpyrylla!
Tyg alyp, postumny soýmaga barsam.

Ýagşymämmet bir Hudaýa sygynyp,
Şepagatçy sensiň, saňa daýanyp,
Din – paýa sütünim, tutup söýenip,
Taýmaz geçip, behişt girmäge barsam.

Ýagşymämmet ŞAHYR,
(Esenguly etrabynda ýaşap geçen). Goşgular